Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar
№ 41 (124) 2025-nji ýylyň 20-nji marty



Syýasy habarlar

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

***12-nji martda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýewropa Bileleşiginiň halkara hyzmatdaşlyk boýunça Ýewropa komissary Ýozef Sikelany kabul etdi.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy, geljekki ugurlary boýunça pikir alyşyldy.

* * *

***12-nji martda*** hormatly Prezidentimiz Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda täze desganyň — Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

* * *

***12-nji martda*** Stambul şäherinde ýerleşýän Türki Döwletleriň Guramasynyň (TDG) sekretariatynyň binasynda TDG-niň guramasynyň Utgaşdyryjy komitetiniň 5-nji mejlisi geçirildi.

Mejlisiň dowamynda TDG-niň 11-nji Sammitiniň çäklerinde kabul edilen çözgütleriň ýerine ýetirilişi, TDG-niň çäklerindäki bilelikdäki hyzmatdaşlyk hem-de 2025-nji ýylyň dowamynda ýerine ýetiriljek işleriň Meýilnamasy ara alnyp maslahatlaşyldy.

* * *

***14-nji martda*** Türkmenistanyň Türkiýe Respublikasyndaky Baş konsullygy tarapyndan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, şeýle hem Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan brifing geçirildi.

* * *

***14-nji martda*** Singapurda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli brifing geçirildi.

Çäräniň dowamynda Türkmenistanyň Singapur Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi B.Durdyýew ýylyň dowamynda ýurdumyzda wajyp ähmiýetli syýasy-diplomatik, ykdysady, şeýle hem medeni çäreleriň geçiriljekdigi barada habar berdi.

* * *

***15-nji martda*** Türkmenistanyň Pakistan Yslam Respublikasyndaky ilçihanasynda Pakistanyň Parahatçylyk we diplomatik barlaglar instituty (IPDS) bilen bilelikde Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan «Halkara parahatçylygy berkitmekde Bitaraplygyň orny» atly halkara maslahat geçirildi.

* * *

***18-nji martda*** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy Walentina Matwiýenko bilen telefon arkaly söhbetdeş boldy.

* * *

***18-nji martda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Halkara sergiler býurosynyň Baş sekretary Dimitri Kerkentzesi kabul etdi.

Duşuşygyň dowamynda abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy ilerletmek Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasatynyň esasy ugurlary, ýurdumyz bilen Halkara sergiler býurosynyň arasynda ýola goýlan netijeli gatnaşyklaryň häsiýeti dogrusynda nygtaldy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň 17 ýyllygyna

## HOŞNIÝETLILIGE BESLENEN MENZILLER

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty 17 ýyl mundan ozal — 2008-nji ýylyň 20-nji martynda Gahryman Arkadagymyzyň Permany bilen döredildi. 2011-nji ýylda bolsa Milli Liderimiziň hut özüniň gatnaşmagynda institutyň täze, döwrebap binalar toplumy açylyp ulanylmaga berildi. Bitarap Watanymyzyň diplomatik gullugy üçin zerur bolan, ýurdumyzyň oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirjek halkara derejeli hünärmenleri taýýarlamak institutyň öňünde durýan esasy wezipe bolup durýar. Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebi häzirki wagtda Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, Halkara hukugy, Halkara ykdysady gatnaşyklary, Halkara žurnalistikasy boýunça ýokary bilimli hünärmenleri, taýýarlygyň Halkara gatnaşyklary, Halkara hukugy, Halkara ykdysadyýet, Syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugurlary boýunça bakalawrlary, şeýle-de taýýarlygyň Sanly diplomatiýa, Seljeriş we strategik meýilleşdiriş, Gündogary öwreniş, Halkara jemagat hukugy, Halkara hususy hukugy, Halkara arbitraž we işewürlik hukugy, Halkara ykdysadyýet, Syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugurlary boýunça magistrleri taýýarlaýar.

2021-nji ýylda institutyň gurluşy has-da kämilleşdirildi we Strategik barlaglar boýunça ylmy merkezi, Ýaş diplomatlaryň mekdebi hem-de Sanly ulgamlar we kommunikasiýa bölümi açyldy. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysy» atly kitabynda: «Men entek mekdep partasynda otyrka okuwçylaryň hünär saýlamak meselesine üns berilmeginiň, olaryň belli bir hünäri saýlamagyny gazanmagyň tarapdary» diýip belläp geçýär. Şu nukdaýnazardan, institutyň düzüminde hereket edýän Ýaş diplomatlaryň mekdebiniň guramagynda geçirilýän «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşigi ýaş nesilleri hünäre ugrukdyrmakda, geljekki ykballaryny diplomatiýa dünýäsinde görýän zehinli ýaşlary ýüze çykarmakda durmuşa geçirilýän netijeli taslamalaryň biridir. Häzirki wagtda bäsleşikde öz ukyp-başarnyklary bilen tapawutlanmagy başaran ýaş çaparlaryň 32-si institutda bilim alýarlar.



2024-nji ýylyň 18-nji fewralynda Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni mynasybetli «Diplomatik protokol» atly ýöriteleşdirilen okuw merkeziniň dabaraly ýagdaýda açylmagy bilen, türkmen diplomatiýasynyň ýokary okuw mekdebiniň gurluşy has hem kämilleşdirildi.

Häzirki wagtda institutyň uçurymlary Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň merkezi edarasynda, ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynda we konsullyk edaralarynda, şeýle hem milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda halal zähmet çekip, Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

Pursatdan peýdalanyp, ýaş nesilleriň ylymly, bilimli, sanly tehnologiýalardan kämil baş çykarýan hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza bimöçber alkyşlarymyzy aýdýarys!

***Yhlas HALLYÝEW,***
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.

# HUSUSY BAŞLANGYÇLARYŇ MIWESI

**Mälim bolşy ýaly, şu ýyl hususy işewürleriň 30 müňe golaýyny hataryna birleşdirýän Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň esaslandyrylmagyna 17 ýyl dolýar. Şunuň bilen baglylykda, 2025-nji ýylyň 17 — 19-njy martynda paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda guralan sergide hususy ulgamda ýetilen belent sepgitler aýdyň şöhlelendi.**

Geçen ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň sanynyň ep-esli artmagy, döredilýän şertleriň netijesinde olaryň hususy başlangyçlarynyň rowaçlanmagy, telekeçileriň alyp barýan işleriniň geriminiň has-da giňemegi bu ugurda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň üstünliklere beslenýändigininiň güwäsidir. Şoňa görä-de, şu gezekki gözden dizaýnerler tarapyndan ýüpekden we ýüňden taýýarlanylan owadan gölli ajaýyp halylar, tebigatyň täsin görnüşleri şekillendirilen bezeg palaslary, häzirki zaman haly, bezeg we keşdeçilik önümleri, matalar, şaý-sepler, keramiki önümler, sowgatlyk harytlar görkezildi.

Aýratyn bellemeli zat, şu gezekki sergi giň mazmunly maksatnamasy bilen tapawutlanyp, onuň çäklerinde «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna girizilen Aşgabatda ilkinji gezek türkmen we dünýä modasynyň öňdebaryjy dizaýnerleriniň, daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, hususan-da, «Al Arabiya TV», «Al Dubai Arabiya TV», «Fashion TV» teleýaýlymlarynyň, «Vanity Fair», «Vogue», «Marie Claire Arabia», «Grazia», «Elle» žurnallarynyň, «Fashion Network» gazetiniň wekilleriniň gatnaşmagynda halkara moda görkezilişi guraldy. Paýtagtymyzdaky «Toý



geçirilişe ýurdumyzyň dürli ugurlarda iş alyp barýan hususy kärhanalarynyň 130-a golaýy gatnaşdy.

Işewürligi kämilleşdirmegiň hasabyna ykdysadyýetde hususy pudagyň paýyny artdyrmak babatda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň netijesinde önümçiligiň täze görnüşleri döredilýär. Şunuň bilen baglylykda, gözden geçirilişde halkyň sarp edýän harytlarynyň öndürilişini artdyrmakda adygan hususy kärhanalaryň mümkinçilikleri-de görkezildi. Şolaryň hatarynda döwrebap egin-eşikleri, aýakgaplary, uly islegden peýdalanýan beýleki önümleri öndürýän düzümleri — «Röwşen» hususy kärhanasyny, «Muhammet-Balkan» hojalyk jemgyýetini we beýlekileri görkezmek bolar. «Batly-Gadam» hususy kärhanasy bolsa dürli görnüşli dokma önümleri bilen sergä gatnaşdy.

Telekeçilik we döredijilik başlangyçlaryny goldamak arkaly milli amaly-haşam sungatynyň täsin ýörelgelerini gorap saklamak barha giň gerime eýe bolýan milli işewürligiň wezipesi bolmagynda galýar. Şoňa görä-de, sergide telekeçiler, halk senetçileri, ýaş mekany» merkezinde geçirilen çäre de bolsa Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň Modeller öýüniň, şeýle hem «Mähirli zenan», «Jennet tagty», «Mynasyp», «Nagyşly güzer», «Gölli», «Aina Sari», «Aýperi» modalar öýleriniň milli däpleri döwrebap biçüwler bilen utgaşdyryp taýýarlan lybaslary görkezildi.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 17 ýyllygy mynasybetli serginiň çäklerinde paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda hususy pudaga maýa goýumlary çekmek boýunça «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly halkara forum hem geçirildi. Bu forum ýurdumyzyň hususy pudagynyň maýa goýum mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak, tejribe alyşmak, döwletiň we hususy bölegiň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin möhüm meýdança öwrüldi.

*Sülgün NEPESOWA,*
Halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň mugallymy.

# DUMAN PEÝDA

*Magtymguly Pyragy*

Gelse nowruz äleme, reň kylar jahan peýda,
Ebrler owaz urup, dag kylar duman peýda.
Bijanlar jana gelip, açarlar dahan peýda,
Gögermedik gyýalar, gögerip rowan peýda,
Ederler haýwanata hem sud-u zyýan peýda,
Ýer ýüzünde ýaýylyp, ýörirler nahan peýda,
Wabeste dahan guşlar kylarlar zyban peýda.

Çöl tarapyn berk edip, der açar suwa harçeň,
Zemin sebzewar olup, teninden aýrylar zeň,
Jünbendeler mest olup, göýä içmiş arak, beň,
Her eşýanyň özüne öz owazy bolar geň,
Sebze içre sandywaç ýüz dilde kylar äheň,
Zemin hazarpuş olup, gül bitirmiş reňbe-reň,
Hyruja gelip älem, kylarlar pygan peýda.

Surud-u seda birle, jahan ýüzi abatdyr,
Olma suruda magrur, paýanasy bibatdyr,
Hak yşkynda zinde jan, biliň, baky haýatdyr,
Her tende yşk olmasa, rozy-ezel mematdyr,
Ýaz ötinçä ýer-u gök, günden-güne zyýatdyr,
Bir haşry-kyýamatdyr, bir ýowmy-arasatdyr,
Dähr içre bolar her dem, jahan içre jan peýda.

Zerbaba zowkun olma, baka ýokdur döwletde,
Ömrüňi bada berme, sen bu daryl-mähnetde,
Ýeter saňa ir-u giç, ne ýazylsa kysmatda,
Janyňa jepa eýläp, munça gezme hasratda,
Sogap ýagşy amalda ýa jud ýagşy niýetde,
Älem barça hyzmatda, adam ýatyp gaflatda,
Hasylyň ataş bolgaý, eýleseň ýaman peýda.

Magtymguly, ýyglar men bu bagty-syýahymdan,
Gorkaram jan apaty, el-aýak güwähimden,
Umydym hasyl olmaz, bu ömri-tebahymdan,
Jan köýdi jeset içre bu ataşy-ahymdan,
Golum sunup, dilär men hajatym Allahymdan,
Bende men, umydym köp ol keremli Şahymdan,
Eýlegeý arasatda gül kibi iman peýda.



# Täzelenişiň baýramy

Ýaşyl ýaşaýşyň, ýaşlygyň ýarany bolan bahar paslynyň ilkinji aýynda ýurdumyzda tutulýan toýdur baýramlaryň dabarasy dag aşyp, at-owazasy jahana ýaň salýar. Ine, 21-22-nji martda döwlet derejesinde, şeýle hem her bir türkmen ojagynda dabaralanýan Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni şeýle seneleriň naýbaşysydyr.

Nowruz baýramynyň Gündogar döwletleriniň onlarçasynda giňden bellenilip geçilýändigi nazara alnyp, bu baýramyň Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) «Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna» girizilendigini, munuň özi bolsa, bu şatlykly senäniň Halkara Nowruz gününe öwrülmegine esas bolandygyny bellemek has-da ýakymly.

Türkmenistan döwletimizde Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni her ýyl uly şatlyk-şowhun, ruhubelentlik, şahandazlyk bilen bellenilip, dostlugyň we myhmansöýerligiň ajaýyp nyşany hökmünde dabaralanýar. Halkymyzda Nowruz güni baýramçylyk saçagyna goýulýan naz-nygmatlaryň syrly güýje eýedigine ynanylyp, semeni, palaw, süýtlaş, dänik, bulamak, noýbaly unaş, mäşewe, ýarma, köje ýaly tagamlar taýýarlanylýar. Bagşy-sazandalar, aýdymçylar, ýazyjy-şahyrlar bu baýramda has-da joşgunly bolup, täze-täze eserleri döredýärler. Ezelden türkmen tebigatynyň ýaşyl ýazlary, halkymyzyň däp-dessurlarynyň, ajaýyp toýdur baýramlarynyň ruhy döredijí güýje eýedir.

Goý, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe belentden dabaralanýan Milli bahar baýramynyň — Halkara Nowruz gününiň owazasy äleme şatlyk, baky bagt, parahatçylyk we abadançylyk eçilsin! Baýramyňyz gutly bolsun!

**«Ýaş diplomatyň sesi».**



*Хороший учитель подобен свече: он сгорает, освещая путь другим*
***Мустафа Кемаль Ататюрк***

# НЕЙТРАЛИТЕТ – ВЫСШЕЕ ПРОЯВЛЕНИЕ ИСКОННЫХ МИРОЛЮБИВЫХ ТРАДИЦИЙ ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА

*Амангельды РАХМАНОВ,*
*Заведующий кафедрой Института международных отношений МИД Туркменистана,*
*Уссат-дипломат Туркменистана.*
*Чрезвычайный и Полномочный Посланник Советского Союза,*
*Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана,*
*кандидат философских и доктор исторических наук, профессор.*



**(Начало в прошлом номере).**

Открытием в 1995 году посольства Туркменистана в Китайской Народной Республике, А.Рахманов, как первый Чрезвычайный и Полномочный Посол нашей страны в КНР, и здесь с самого начала взялся за выполнение возложенных на него обязанностей в целеустремленном духе и не отступал от него до завершения срока его службы в этой стране, стремился представлять интересы своей страны большим достоинством, эрудицией, глубокой внутренней убежденностью.

Эффективными формами работы в посольстве стали официальные встречи туркменского Посла с Председателем КНР Цзянь Цземином, Премьер-министром Китая Ли Пэном, заместителемпремьер-министраиминистром иностранных дел этой страны Чень Чиченом, главами дипломатических представительств в Пекине, в ходе которых он детально ознакомил их особенностями туркменской модели нейтралитета, выпуск посольством совместно с издательствами страны пребывания книг о нейтральной политике Туркменистана, его выступления в учреждениях, по радио, телевидению, на страницах газет и журналов страны пребывания.

Внешнеполитическая и дипломатическая работа по признанию нейтрального статуса Туркменистана проводилась также на региональном уровне. Например, 15 марта 1995 года Туркменистан участвовал на Третьей встрече глав государств и правительств стран Организации экономического сотрудничества, которая состоялась в Исламабаде–столице Пакистана. На саммите Туркменистан информировал участников встречи о принятии на себя всех обязательств, вытекающих из правового положения постоянного нейтрального государства на конституционном уровне. В принятой Исламабадской Декларации государства-участники ОЭС поддержали нейтральную политику Туркменистана.

Движение Неприсоединения выступает за создание более справедливого мирового порядка, отрицает использование силы или угрозу силой в международных делах. Туркменистан полностью поддерживает благородные цели и гуманные принципы ДН. 20 октября 1995 года Туркменистан участвовал на 11-й конференции глав государств и правительств стран-участников Движения Неприсоединения, проходившей в Картахене (Колумбия) и стал 114-м членом этого политического объединения. Государства-участники конференции поддержали нейтральную политику Туркменистана.

Таким образом, поддержка многих государств мирового сообщества политики постоянного нейтралитета Туркменистана позволила нашему государству вынести вопрос о постоянном нейтралитете Туркменистана на уровень Организации Объединенных Наций.

Резолюция Генеральная Ассамблея ООН "Нейтральная политика Туркменистана". Особенности нейтрального статуса Туркменистана.

12 декабря 1995 года Генеральная Ассамблея ООН на своей 50-ой сессии единогласно приняла резолюцию "Нейтральная политика Туркменистана". Примечательно, что ее соавторами стали 25 государств. Резолюция признала Туркменистан как постоянно нейтральное государство.

С принятием этой резолюции важное значение имело также внимательное изучение откликов, реакции мировой общественности относительно данной



резолюции. И как показали встречи и беседы Посла А. Рахманова в декабре 1995 года с рядом видных представителей китайской общественности, резолюция ГА ООН о Туркменистане вызвала широкий отклик в официальных, бизнес и гуманитарных кругах Китая. Китайская общественность высказала о своей полной поддержке резолюции ГА ООН, ибо считала, что эта резолюция будет способствовать улучшению политической обстановки не только в Азии, но и в мире в целом.

Приведу несколько примеров. «Нейтральный статус Туркменистана, официально признанный со стороны ООН, будет способствовать укреплению мира, безопасности и устойчивости в Азии. - сказал председатель Ученого Совета института' международных отношений КНР Сун Имин. – Позитивный нейтралитет в политике и открытость в экономике как основные принципы внешней политики Туркменистана созвучны с позициями КНР, они одобряются с официальным Пекином, который выступает за то, чтобы в международном пространстве все государства имели равные права относительно собственных взглядов и выбора путей развития».

«Выходившим на путь модернизации странам Азиатского континента, в том числе и Китаю нужна мирная и устойчивая жизнь, - сказал главный редактор бюллетеня «Чайна Фичерс» Чен Гентао. – Таким образом, первые миротворческие усилия Ашхабада служат подтверждением полной обоснованности его желания взять на себя роль регионального миротворческого центра».

В Туркменистане, Китае, и в прошлом, и в наши дни имеется много общего. В древности процветанию наших государств способствовал Великий Шелковый путь. В предверии XXI века появилась задача восстановления Шелкового пути как моста между бассейнами Тихого и Атлантического океанов.

**(Продолжение следует).**

*Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitaby bilen bagly geçirilen makala bäsleşiginiň ýeňijisi*

# ŞÖHRATLY TARYHYŇ ÝAŇY

Dogrudan hem, bu günki gün «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen beýik şygar bilen türkmen halkyny aýdyň geljege sary ynamly öňe alyp barýan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda türkmen halkynyň her bir güni belent maksatly, uly tutumly işleri bilen taryhyň sahypalaryna altyn harplarda ebedilik ýazylýar. Geçmişden geljege uzaýan şöhratly taryhymyzyň waspy bolsa Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden syzylyp çykan «Hakyda göwheri» atly kitabynda öz beýanyny tapýar.




Bu kitabyň «Taryha syýahat» atly birinji babynyň birinji bölümi «Taryh şu ýerden başlanýar» diýlip atlandyrylmagy ýönelige däldir. Ynsan ömrüniň gymmaty durmuşymyzy bezeýän, many-mazmun bilen gurşaýan amal eden ýagşy işlerimiz bilen ölçelýär. Bu babatda Gahryman Arkadagymyz: «Eziz halkymyzyň ykbaly beýiklikler bilen baglanyşýar, ajaýyplyklar bilen sazlaşýar. Ýagşy zadyň gürrüňini etmek ýagşy täsirleri oýarýar. Milli buýsanjymyzyň bir çeşmesi bolan şan-şöhratly taryhymyz hakda söz açmak hemişe-de gyzykly. Hemişe-de gerekli» diýip, juda jaýdar belleýär. Şeýle hem kitapda üstünlikli jemlenen «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzda amala aşyrylan beýik işler, nusgawy şahyrymyzyň umumadamzat mirasynyň ähmiýeti, hut geçen ýylda Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmeginiň çuňňur mazmuny dogrusynda giňişleýin beýan edilýär.

Kitabyň «Ruhy miras» diýlip atlandyrylan ikinji babynda Milli Liderimiz: «Geljek — nämälimlik. Geçmiş bolsa, dolanuwsyzlyk. Bularyň aralygynda «häzirki zaman» bar. Wagt dowamlylygyna nähili many çaýylandygy şol «şu günden» görünýär» diýip belleýär. Taryhdan mälim bolşy ýaly, Gündogarda «Döwlet gurjak bolsaň, türkmeni çagyr» diýen aýtgy meşhur bolupdyr. Bu aýtgy türkmenleriň geçmişde beýik döwletleri gurup, döwlet dolandyryş ulgamynyň kämilligi bilen jahana ýaň salandygyny äşgär edýär. Bu kämillik üçin, elbetde, ygtybarly binýat, beýik medeniýet gerek. Medeni-ruhy kämillik paýhasyň esasynda döreýär we kämilleşýär, nesilleri jebisleşdirýär we birleşdirýär. Şonuň üçin-de medeniýeti beýik halkyň taryhy hem beýikdir, şöhratlydyr. Şundan ugur alsak, Gahryman Arkadagymyzyň täze kitabynda Änew medeniýeti, bürünç zamanynyň medeni ojaklary, Beýik Seljuklar döwri, Horezmşalar döwleti hakynda aýratyn buýsanç bilen gürrüň edilýär. Munuň özi türkmen halkymyzyň beýik medeniýetiň we taryhyň eýesidigini ýene bir ýola bütin aýdyňlygy bilen tassyklaýar.

Jemläp aýdanyňda, hormatly Arkadagymyzyň bu kitabynda ruhy mirasymyzyň taryhyň çuňluklaryna uzap gidýändigine üns çekilýär. Şunda türkmen halky beýik hazynanyň — şan-şöhratly taryhyň we müňýyllyklardan aşyp gelýän belent medeniýetiň, ruhy mirasyň eýesi. Şol gymmatlyklary gorap saklamak, geljek nesillere ýetirmek wajyp wezipe bolmagynda galýar. Çünki Milli Liderimiziň nygtaýşy ýaly: «Hazyna eýesine hazynadar diýerler». Bu babatda Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitaby gymmatly hazynadyr, egsilmez baýlyk çeşmesidir, ýaş nesiller üçin nusgalyk ýol-ýörelgedir, beýik taglymatdyr, egsilmez ylham çeşmesidir.

***Aýsona AMANJAÝEWA,***
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
II ýyl talyby.

*Образование — самое мощное оружие, которое вы можете использовать, чтобы изменить мир*
***Нельсон Мандела***

The winner of the essay competition “International Peace and Trust – the Basis of Sustainable Development”, organized by the UNESCO Club “Culture of Peace” of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan

# NEUTRALITY, BROTHERHOOD – IS A CLEAR PATH WE HAVE CHOSEN!

Belief in peace and benevolence inspires a human being to achieve the highest goals. This faith lights up the world, turns into the gentle laughter of children, and warms our hearts. Throughout his life, a human being has turned the idea of goodness, kindness, and justice into the dominant life motto. There are also such concepts, being universal values, at the basis of Turkmen neutrality. Thus, the policy of the state is based on great ideas that are necessary for humanity. The peace-loving, good-neighbourly policy of the country is fully recognized worldwide. This shows that the peaceful path of development, which the Turkmen people continue with great pride, is very valuable and historically significant.

On December 12, 1995, a shining sun rose in the destiny of our nation. Our independent Motherland declared itself to the world as a country of peace and mutual trust. As stated in our Basic Law, having an active nature, positive permanent neutrality is a perfect political practice that seeks to solve conflicts that arise in the world through peace and understanding. The whole world recognizes this today. In 2015 – the Year of Neutrality and Peace – the United Nations adopted the Resolution on the Legal Status of Permanent Neutrality of Turkmenistan for the second time.

Presently, Turkmenistan puts forward proposals on important issues from the rostrum of the General Assembly of the United Nations. Speaking clearly, it seeks to find solutions to the most important problems for the region, such as ecology, the protection and safe use of water resources, saving the Aral Sea in cooperation with a reputable international organization, further strengthening economic, social, cultural, and ecological cooperation in Central Asia and the Caspian Sea region, and making great efforts to implement the global agenda in the field of sustainable development by promoting initiatives on sustainable energy and energy security. As a result, our neutral country is recognized today as a peace-making center in the Central Asian region and the world.

As we know, at the 63rd plenary session of the 78th session of the United Nations General Assembly, the adoption of the Resolution "2025 – International Year of Peace and Trust" on the initiative of the President of Turkmenistan revealed the great value given by the League of Nations to the deep importance of the Turkmen model of neutrality. Such significant events are mentioned in the book "Youth Is the Support of the Motherland" by the Head of State: "The independent, permanently neutral Turkmenistan is always open to the world. We will continue to do all the necessary work to strengthen peace and security on the globe," and this inspires us greatly.

Thanks to the tireless efforts of our Hero Arkadag, on December 10, 2007, the United Nations Regional Centre for Preventive Diplomacy for Central Asia was opened in Ashgabat, the International Day of Neutrality was established in the political calendar of the world, and the year 2021 was declared the "International Year of Peace and Trust." Such historical events as the unanimous adoption of the Resolution "2023 –



the International Year of Dialogue as a Guarantee of Peace" complemented each other and created a perfect harmony, increasing the international authority of our state.

The doctrines of our National Leader, "Peace through Development" and "Dialogue is a Guarantee of Peace," serve as important guidelines and principles for ensuring peace in the modern world. Turkmen neutrality is constantly being strengthened as a creative foundation for the development of peace. This fact was clearly reflected in the deeply meaningful speeches made by the esteemed President of Turkmenistan at the historic session of the Halk Maslahaty of Turkmenistan.

Our Esteemed President took part in the Summit of CIS Heads of State held in Moscow, as well as made a working visit to the Republic of Tatarstan of the Russian Federation on October 23–24, and his participation as an honored guest in the XVI BRICS Summit in the "BRICS inclusion"/"outreach" format testifies that our country is actively participating in the efforts of the international community aimed at ensuring peace and security.

The opening of the 177-meter railway bridge over the Gushgy River in the year "The Fount of Wisdom Magtymguly Pyragy," the laying of the foundation of the "Shatlyk-1" gas compressor facility in Mary, the construction of the "Arkadagyň ak ýoly" (Arkadag’s White Road) Serhetabat – Herat gas pipeline, which is an important part of the TAPI (Turkmenistan–Afghanistan–Pakistan–India) transnational gas pipeline project, the fiber-optic communication cable, the warehouse complex in the "dry port" of the Turghundi railway station, the initiation of the construction of the Turghundi–Sanabar section of the first stage of the Turghundi–Herat railway, as well as the commissioning of the "Nur-el-Jahad" power station located in the Herat Province of the neighboring country as part of the implementation of the Turkmenistan–Afghanistan–Pakistan electricity transmission project, showed that our policy of neutrality is increasingly spreading among neighboring nations.

Turkmenistan, following democratic and humanistic principles, and committed to the principles of a modern legal society, became one of the countries in the world that ended statelessness. As a permanent member of the Executive Committee of the United Nations High Commissioner for Refugees and a member of the International Organization for Migration, our country is an active strategic participant in global initiatives, carrying out multifaceted activities to solve this problem.

As our Hero Arkadag emphasized, the most valuable legacy for the future is a peaceful and safe world. Today, the peaceful principles of our people enrich the domestic and foreign policy of the state and play an important role in its successful implementation.

Our native people are benevolent to all friendly nations.

Neutrality, brotherhood – is a clear path we have chosen!

Our National Leader expressed his ideas about peace and trust in the poems "Forward, Only Forward, My Beloved Motherland Turkmenistan!", "Long Live Peaceful Life!" and "My Beloved Motherland Turkmenistan!" As our Hero Arkadag emphasizes, Independence and Neutrality are two wings of Turkmen statehood!

May the health of the National Leader of the Turkmen people, Hero Arkadag, and the esteemed President, who are promoting the policy of neutrality aimed at the prosperity of the world and the happy future of the people, be sound, their lives long, and their noble activities always successful!

***Ayjemal HAJYYEVA,***
the Lecturer of the Department of the Turkmen Language of the Magtymguly Turkmen State University.

## ÜNS BERIŇ, BÄSLEŞIK!

**Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyny has-da dabaralandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasy institutda dürli hünärler boýunça okaýan talyplaryň arasynda «Döwletli döwranly döwrüň Arkadagly Gahryman Serdarly bagtyýar ýaşlary» atly goşgy ýazmak boýunça döredijilik bäsleşigini yglan edýär.**

Bäsleşige gatnaşýan talyplar berkarar Watanymyzy, eşretli zamanamyzy, bagtyýar halkymyzy, parahatçylygy, dost-doganlygy, ynsanperwerligi wasp edýän goşgularyny institutyň «Ýaş diplomatyň sesi» elektron gazetiniň salgysyna (hgi.redaksiya@gmail.com) ugradyp bilerler.

Bäsleşigiň baş maksady Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň alyp barýan döwlet syýasatyny giňden wasp etmekden, ýaş nesilleriň döredijilik ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarmakdan hem-de olary täze döredijilik gözleglerine we üstünliklere ruhlandyrmakdan ybaratdyr.

Bäsleşige hödürlenýän eserler 2025-nji ýylyň 30-njy apreline çenli kabul ediler we eserleriň iň gowulary eminler topary tarapyndan saýlanyp, «Ýaş diplomatyň sesi» elektron gazetinde çap ediler.

*29 марта в городе Аркадаг состоится международная конференция «Год мира и доверия: развитие международной деятельности во имя детей»*

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

*Baş redaktor*
***Täzegül KULJIKOWA***

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*
***Jogapkär kätip:*** *B.Garaýew.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *A.Kaşaňow.*
***Bölüm müdiri:*** *J.Öwezowa.*
***Edebi işgärler:*** *A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa, Ý.Hallyýew.*
***Korrektorlar:*** *A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.*

***Redaksion geňeşiň agzalary:***
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.*

***Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.***

***E-mail:***
***hgi.redaksiya@gmail.com***